# Gep / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Gep / hekaýa GEP




Hawa-da, men bir garry enäniň garry gyzy. Ýaşyň geçdigi saýy, edil olaryň depesine çykyp oturýan ýaly öz öýüňde oturanyňam köp görýänler köpelýän eken. Nirde görseler:
–Aýsaparjan, haçan toý? Bir tans edäýjekdik-dä heh-eh –diýen bolarlar. «Ölüp barýan bolsaň öýüňde aýdym açda oýnaber-da, näme Aýsapar toý etmese tans oýnajak däl diýip ant içdiňmi» diýesim gelýär, ýöne:
–Nesibeli gün bardyr-da daýza – diýip oňaýýan. Ýogsa olaryň aladasy meniň bagtymy tapmagym dälem welin…
Käşge şol ýerde gutarsa gürrüň, ýo-ok dowamam bar. Men geçip gidemsoň yzymdan bolýan gürrüňler hasam gyzykly. Özüm-ä hezil edip diňleýärin.
–Heh, nesibeli gün diýen bolan bolşuna seretsene. Mynnan soň nesibeli günden tamasyny üzäýmese. Yntyrneda girip, surat goýup ýörşi şü bolsa kime gerek şü.
–Howwa-dey, dogry aýtýeň, ýüzüniň kraskasy dagy, heh.
Ömrüňde görmedik zatlaryňy geýer özem moda diýen bolup. Modaňa

ot düşsün.
–Howw-e-eý, özi tikip geýýemiş, ýalandyr-deý, elinden tikin-çatyn gelýemi şuň.
–Ýak-de-eý, zat gelýemi elinden. Gaýtam biziň gyzlarymyza-da ot berýe şü köp zady. «Aýsapar geýipdir, bizim geýjek. Aýsapar saçyny beýdip toýa bardy, bizem şeýtjek» diýip gün berenaklar. Terbiýesi bozulup barýar çagalarymyzyň.
–Onnan-a, birini tafyp, äre gitse bolmyýýemy-ka…
Pikirlenýärin! Men üýtgeşik näme geýdimkäm?
Meň geýenim moda bolar ýaly men näme Ivana Sertmikäm?!
Mundan 1-2 ýyl öňki eşiklerimi giňeldip, oňaryp geýip ýörün. Geýýän köwüşimem daýzamyň gyzyndan alypdym, aýlyga. Sepinýänimem daýzamyň geçen ýylky doglan günüme beren atyry. Gutaraýmasyn diýip, özümdenem gysganyp, her wagt toý-tomaşa bolsa sepinäýmesem…
Dogrudanam şol atyry nirede gizläp goýdumkam?
Garaz obaň «Günäkäri» men ekenim. Hut, men ýok bolsam moda ýitip, köýnekler giňelip, ýüze çalynýan reňkler aýyrlyp, gaşlar ütülmän hemme gyzlar akylly bolaýjak ýaly.
Özlerem çalt-çaltdan, bir-birine gezek bermän gürleýämişler welin Eminem görse haýrany hekgerjekden… Bäh dogrudanam şeýlemik-ä, ýa maňa gep getirýänçiň toslamasymyk-a? Bilemok!
Meniň geň galýan ýerim – olaryn çagalaryna beren şunça ýyllyk terbiýesine göwünleri ýetýän bolsa, iki sagatlyk toýda şeýle berk terbiýäniň bozulmagyndan näme sebäpden gorkýarlar-ka? Adamyň terbiýesiniň üýtgemegi biriniň geýen geýimine baglymyka aslynda? Gep getirýäniň gürrüňine görä olar tüýküligine düwnükse-de «Aýsapar günäkär» diýjekmiş.
Ähä, gep getirýänçi jaň edýär. Hawa-da, daşary sowuk bolansoň gelip ýörmän jaň edäýeýin diýendir. Bolmanam telefon bar wagty gelip ýörmek nämä gerek?! Döwrümiziň mümkinçilikleri il hatary gepçilerimiziňem işini aňsatlaşdyrdy tüweleme! Daýzalar-a: «Şü tilpuny çykaranyň jany sag bolawersin, hezil edip gybatlaşýes öz-ä» diýip begenýärler. Gör näçe meň ýalakyň maňlaýyny garaltdy ol gybatlar.
–Alo!
–Aýsaşka gowumy?
–Gowy, mes, özüň nähili?
–Ey, edil sen ýaly mes bolmasagam gezip ýörüs.
Meň iki dogulyp bir galanym ýaly, adymy suwjaryp tutan bolup. Gowy gürrüň aýtmajagy şondanam belli-da. Aýtsa aýdyp dynsyn

diýip derrew gürrüňe geçdim:
–Osoň, näme täzelik?
–Täzelig-ä bar-eý, özem sen barada.
–Ähä, aýdyber.
–Toýuň barmyş?
–Kim aýtýe ony?
–Pylany klasdaşymyz bar-a, şoň ejesi ejemiň ýanyna geldi. Şol aýtdy. «Aýsapar ýaglyk daňyb-a bir ýere barýen eken. Toýy bamyka diýen. Şunça oturup kime barýe-ka, oturanyna degýemik-ä özi, toýuna çagyrsa barjak. Bir göreýin kime barýenini»
–Seň ejeň näme diýdi osoň?
–Bagty bolsun! Toýdan bolsun! diýdi.
Hm-m-m, diýendir, diýendir. Gyzy sen boljak bolsaň.
Garaz meniň ýok toýumyň gürrüňini edipdirler. Galyňymy kesipdirler. Pylan toý mekanda toýumy tutupdyrlar. Gepiň gysgasy şo günki gep ýassyklary men bolupdyryn.
Enem pahyry ýatladym. «Goňşyň gowy bolsa kel gyzyň äre gider, goňşyň ýaman bolsa gül gyzyň göre gider» diýerdi. Ýylgyrdym!
Wi-i-i, süýtli çaý gaýnapdyr, geliň içseňiz!
Aýsapar EMELOWA. Hekaýalar